***Globalizasiýa döwründe daşary ýurt dillerini özleşdirmek diňe bir dil birlikleriniň grammatik gurluşlaryny we söz baýlygynyň çäklerini bilmek bilen çäklenmeýär. Häzirki zaman dil öwrenişi jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň, medeni aragatnaşygyň we halkara hyzmatdaşlygynyň möhüm bölegine öwrüldi. Şol sebäpli hem daşary ýurt dillerini öwrenmekde dil medeniýetini, ýagny dildäki medeni-etik, kommunikatiw, milli dünýägaraýyş aýratynlyklaryny kämil bilmek aýratyn ähmiýete eýedir.***

Dil medeniýeti — kommunikatiw başarnygyň esasy bölegi. Her bir dil diňe bir leksika-grammatiki gurluş däl, eýsem, jemgyýetiň ýaşaýyş ýörelgeleri, adaty düşünjeleri, däp-dessurlary bilen utgaşýan ýaşaýyşa degişli ulgamy özünde jemleýär. Dil medeniýetini bilmek dogry ýagdaýda dogry sözlem saýlamaga, ýalňyş düşünmeleriň öňüni almaga, gepleşikde edep-etikany berjaý etmäge mümkinçilik berýär. Bu bolsa daşary ýurt dilinde aragatnaşygyň tebigy we ynamdar bolmagyna täsir edýär.

Medeni aýratynlyklar dildäki manylaryň dogry düşünilmegini üpjün edýär. Dil medeniýetiň hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynda möhüm rol oýnaýandygyny dünýä tejribesi tassyklaýar. Bir söz ýa-da fraza dürli jemgyýetlerde başgaçalyk bilen kabul edilip bilýär. Mysal üçin, salamlaşyk, hoşlaşyk formalarynyň dürli ýurtlarda aýratyn dereje-de üns talap etmegi, minnetdarlyk bildirmegiň hem-de ötünç soramagyň aýratyn medeni normalara görä üýtgemegi, mimikalaryň dürli medeniýetlerde başga many berip bilmegi. Bu aýratynlyklar öwrenilmedik halynda adamlar arasynda dil päsgelçiligi däl-de, «medeni päsgelçilik» ýüze çykýar.

Dil medeniýeti daşary ýurt dilinde erkin we döredijilikli pikirlenmäni üpjün edýär. Dil öwrenmegiň maksady diňe bir sözleri öwrenip geplemek däl, eýsem, şol dilde pikir ýöretmegi özleşdirmekdir. Şol sebäpden pähim-paýhaslar, idiomalar, nakyllar ýaly dil baýlygy medeni mazmuna daýanýar, aýdylýan pikiriň stilistiki talaplara laýyk gelmegi dil medeniýetiniň derejesine bagly bolýar. Dil medeniýeti ösdürilende okuwçy ýa-da talyp täze dilde döredijilikli, erkin, many taýdan baý gepleşik alyp barýar. Bu usullar dilli diňe nazary taýdan däl, durmuşy taýdan hem özleşdirmäge kömek edýär.

Jemlä aýdanyňda, daşary ýurt dillerini öwrenmekde dil medeniýeti kämil derejede bilinmese, dil aragatnaşygy doly manyda gerçekleşip bilmeýär. Sebäbi her bir dil öz içinde bir halkyň dünýäni kabul edişiňi, ýörelgesini, pikirleniş ulgamlaryny saklaýar. Şonuň üçin hem dil öwreniş prosesinde medeni aýratynlyklary öwrenmek, kommunikatiw etiket bilen tanyşmak, halkyň dil arkaly beýan edýän dünýäsi bilen içgin gyzyklanmaga ýsnyşykly çemeleşmek zerurdyr. Dil medeniýetini özleşdiren adam diňe bir täze dilde geplemek bilen çäklenmän, eýsem dünýä giňişliginde aragatnaşygyň medeni taýdan kämil, özara hormat esasynda alnyp

Все права защищены

barylmagyna hem goşant goşýar.

**Ogulnur SUPANOWA,**
**Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň ylym-bilim işlerini dolandyrmak ugrunyň talyby.**

Все права защищены